***Halkymyzda zenan maşgala uly sarpa goýulýar. Çünki zenan — mukaddes ojagyň goragçysy. Onuň yhlasy, wepalylygy bilen abadan ýaşaýyş dowamat-dowam bolýar. Munuň şeýledigini Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitabynda: «Enelere mahsus ähli zatda tükeniksiz mähir bar» diýip bellemegi doly aýdyňlygy bilen tassyk edýär.***

Ene-mamalarymyz — nesil terbiýesiniň kämil mugallymlary. Gadymdan bäri dowam bolup gelýän döwletlilik ýörelgeleri, türkmeniň ganyna siňen päk ahlak gymmatlyklary, adamkärçilik sypatlary ene-mamalarymyzyň diňe bir maşgalanyň içinde däl, tutuş jemgyýetdäki öwüt-ündewleri, terbiýesi bilen biziň günlerimize gelip ýetipdir. Türkmen zenanlary sungaty, milli el işleri, maddy we ruhy baýlyklary bilen dünýäde meşhurdyr. Şu babatda Gahryman Arkadagymyzyň käbesi Ogulabat ejäniň bitiren hyzmatlary hem ähli zenanlar üçin görelde mekdebidir.

Zenanlaryň sarpalanýan, olaryň mukaddeslige deňelýän ýurdunda ýaşamak, döredijilikli, halal zähmet çekmek uly bagtdyr. Bu gün şeýle bagtdan paýly türkmen zenanlarynyň zähmetine uly baha berilýär. Her ýylyň 8-nji martynda kiçi ýaşly gyzjagazlarymyzdan başlap, kümüş saçly enelerimize çenli bagtyýar zenanlara hormatly Prezidentimiziň adyndan pul sowgatlarynyň gowşurylmagy, sekiz we şondan köp çagany dünýä inderen hem-de terbiýeläp ýetişdiren enelerimize Türkmenistanyň «Ene mähri» diýen hormatly adynyň dakylmagy biz — zenanlaryň belent başyny göge ýetirýär.

Ähli zenanlarymyza uly hormat-sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýüregimizde beslän alkyş-hoşallyklarymyz çäksizdir.

**Ogulgerek ÇARYÝEWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI-niň Pedagogika fakultetiniň başlangyç bilim mugallymçylygy we psihologiýasy bakalawr hünäriniň 107-nji toparynyň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026